**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2025-nji ýylyň 27-nji noýabryndaky**
**№ 78-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 65-awto «Umumy peýdalanyşdaky awtomobil ulaglarynyň hyzmatlary barada hasabat» (çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№ 65-awto «Umumy peýdalanyşdaky awtomobil ulaglarynyň hyzmatlary barada hasabat» (çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylyk formasy boýunça Türkmenistanyň Awtomobil ulaglary ministrligi we ministrligiň kärhanalary tarapyndan salgy böleginde görkezilen salgylara we bellenen möhletlerde tabşyrylýar. № 65-awto hasabaty 6 bölümden ybarat.

## 1 BÖLÜM. ULANYŞDAKY ÝÜK DAŞAÝAN AWTOMOBILLERIŇ IŞI WE MALIÝE GÖRKEZIJILERI (ÝÜK DAŞAÝAN TAKSOMOTORLARY, PIKAPLARY WE ÝEŇIL FURGONLARY GOŞMAK BILEN)

Ýükleri daşamakdan alnan girdejiler (01 setir – hasabat döwründe, 02 setir – geçen ýylyň degişli döwründe) daşalan ýükleriň möçberi barada hereket edýän tarifler boýunça ýa-da baglaşylan şertnamalara laýyklykda düzülen buhgalter hasaba alyş resminamalary esasynda kesgitlenilýär. 03 setirde 01 setirden ýükleri daşamak boýunça hyzmatlaryň töleg geçirilenleri görkezilýär.

Ýükleri daşamak boýunça çykdajylara (04 setir – hasabat döwründe, 05 setir – geçen ýylyň degişli döwründe) hasaplanyp goşulanlary hasaba almak bilen sürüjileriň goşmaça tölegler bilen iş haky, ýangyjyň, çalgy we gaýry ulanyş materiallarynyň, awtomobilleri we awtotirkegleri bejermekligiň (düýpli bejerişi goşmazdan), awtoşynalary dikeltmeklige, könelişe we bejermeklige hasaplanyp goşulan bahalar, awtomobiller we awtotirkegler boýunça esasy serişdeleri dikeltmek üçin tutumlar, ýük awtomobil toplumy boýunça edara ediş-hojalyk we gaýry goşmaça çykdajylar girýärler. Ekspedisiýa ugradylan işgärleri saklamaklyga, ýükleýiş-düşüriş işlerine, awtomobilleri düýpli bejermeklige çykdajylar ýükleri daşamaklyga çykdajylaryň umumy möçberine girizilmeýär.

Ýük awtomobiller bilen daşalan ýükleriň möçberi (ýük daşaýan ulaglary, pikaplary, ýeňil furgonlary hasaba almak bilen) (06 setir –hasabat döwründe, 07 setir – geçen ýylyň degişli döwründe) haryt-ulag resminamalary bilen tassyklanan gaplaryň, konteýnerleriň her gatnaw boýunça agramlaryny hasaba almak bilen daşalan ýükleriň hakyky agramy boýunça kesgitlenilýär.

Daşalan ýükleriň (08 setir – hasabat döwründe, 09 setir – geçen ýylyň degişli döwründe) her gezekde gatnadylan tonnalaýyn agramynyň, olaryň tarif boýunça daşalan aralygynyň kilometrine köpeldip, netijelerini jemläp ýük dolanyşygynyň möçberiniň hasaby çykarylýar.

Ýükleri daşamaklygy şäherara, şäherýaka, şäheriň içindäki gatnawlar awtomobil ulaglarynyň düzgünnamasynyň esasynda geçirilýär.

## 2 BÖLÜM. ULANYŞDAKY AWTOBUSLARYŇ IŞI WE MALIÝE GÖRKEZIJILERI

Ýolagçylary awtobuslar, bellenen ugry bilen gatnaýan taksomotorlar, sargytlar boýunça awtobuslar bilen gatnatmakdan alnan girdejiler (01 setir – hasabat döwründe, 02 setir – geçen ýylyň degişli döwründe) gatnaw petekleriniň ähli görnüşlerini satmakdan we ýol goşlary daşamagyň tölegleriden, şeýle hem býujetden, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli guramalaryndan we beýleki çeşmelerden gelen serişdelerden hakyky girdejiň umumy möçberi bolup durýar. 01 setirden 03 setirde ýolagçylary gatnatmak boýunça hyzmatlaryň töleg geçirilenleri görkezilýär.

Ýolagçylary gatnatmak boýunça çykdajylar (04 setir – hasabat döwründe, 05 setir – geçen ýylyň degişli döwründe) buhgalter hasaba alnyşyň maglumatlarynyň esasynda alynýar. Ýolagçylary gatnatmak boýunça çykdajylaryň jemine ýükleri daşamaklyk boýunça çykdajylaryň meňzeş maddalary girýärler.

Awtobuslar, bellenen ugry bilen gatnaýan taksiler, sargytlar boýunça awtobuslar bilen gatnadylan ýolagçylaryň möçberi (06 setir – hasabat döwründe, 07 setir – geçen ýylyň degişli döwründe) aşakdaky maglumatlaryň esasynda kesgitlenilýär:

- bir ýolagçy gatnawyna (mugt gatnamak hukugyndan peýdalanýan ýolagçylaryň gatnadylan sanyny hasaba almak bilen), şäheriň içindäki gatnawlarynda uzak möhletli peýdalanýan abonent peteklleriniň töleginden alnan girdeji barada;

- kärhanalaryň we guramalaryň sargydy boýunça ýolagçylary gatnatmakdan alnan girdeji barada;

- şäherýaka, şäherara we halkara gatnawlarda gitmeklige bir gezeklik peteklеriň satylan sany barada.

Ugur boýunça gatnaýan awtobuslar bilen gatnadylan ýolagçylaryň sany aşakdaky resminamalaryň we düzgünnamalaryň esasynda kesgitlenilýär:

1. Şäheriçi we şäherýaka gatnawlarda jemgyýetçilik awtobusynda bellenen nyrh gatnadylan ýolagçylaryň sanyny gatnatmakdan gelen girdejini şu şäher (etrap) üçin bellinelen nyrha bölmek bilen kesgitlenilýär.

2. Belli ugurlardaky awtobuslarda walidatorlar goýlan şaherler üçün gatnadylan ýolagçylaryň sany ulag elektron karta, pensioneriň elekron kartasy we okuwçylaryň elektron kartasy boýunça gatnawlaryň sany baradaky maglumatlaryň esasynda kesgitlenilýär.

Tablisa № 1

**Tölegsiz gatnamaga hukuk berlen ýolagçylaryň dürli toparlaryna görä 1 aýdaky gatnawlaryň sany**

| | | |
|---|---|---|
| 1. | Şahsyýetnama we şu resminamalarsyz tölegsiz gatnamaga hukuk berlen şahsyýetler | 100 |

3. Tölegsiz gatnamaga hukuk berlen ýolagçylaryň sany töleg tölemezden gatnamaga rugsat edýän berlen resminamalaryň sany baradaky güwänamalaryň esasynda hasaplanylýar. Bu güwänamalar awtoulag kärhanasyna şeýle toparlardaky ýolagçylaryň hasabyny ýöredýän guramalar (harby komissariat, durmuş üpjünçilik edaralary we ş. m.) tarapyndan berilýär.

4. Şahadatnamalar we şeýle resminamalarsyz awtobuslarda tölegsiz gatnamak hukugyndan peýdalanýan ýolagçylar toparlary 2-nji jedwelde görkezilýär.

Tablisa № 2

**Şahadatnamalar we olarsyz awtobuslarda tölegsiz gatnamak hukugyndan peýdalanýan ýolagçylar toparlary**

| T/B | Ýolagçylaryň toparlylygy | Tölegsiz gatnawa rugsat berýän resminamana | Şeýle topardaky şahsyýetleriň sany barada güwänama berýän edaralar |
|---|---|---|---|
| 1. | Beýik Watançylyk urşuna we başga ýurtlaryň çäklerinde söweş hereketlerine gatnaşanlar | Ýeňillik üçin hukuk berilýändigi baradaky şahadatnama | Harby komissariat |
| 2. | Beýik Watançylyk urşuna we başga ýurtlaryň çäklerinde söweş hereketlerine gatnaşyp wepat bolanlaryň ene-atalary, ýan ýoldaşlary, täze maşgala döretmedik | –"– | –"– |
| 3. | Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda tylda zähmet çeken weteranlar | –"– | –"– |
| 4. | I we II topardaky maýyplar | Maýyplyk baradaky şahadatnama | Durmuş üpjünçilik bölümleri |
| 5. | Mekdep ýaşyna ýetmedik çagalar | | Welaýatlaryň, Aşgabat ş. we Arkadag ş. statistika müdirlikleri |
| 6. | Köp çagaly eneler | Şahadatnama | Durmuş ätiýaçlandyryş bölümleri |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 7. | Prokuraturaň işgärleri<br>Içeri işler edaralaryň işgärleri<br>Prezidentiniň Howpsuzlyk gullugynyň işgärleri | Şahadatnama | |

5. Eger şäheriçi gatnawlarda awtobuslar bilen ýolagçylary gatnatmaklygy amala aşyrýan awtoulag kärhanasy şu şäherde birnäçe bolsa, onda ýolagçylaryň sany abonement petekler we tölegsiz gatnamaga hukuk berýän şahadatnamalar bilen gatnadylan ýolagçylaryň sany liniýada bolan awtobuslaryň iş wagtlary boýunça, ýa-da hereket gatnaw wagtyna laýyklykda şäherde liniýalarda bolan awtobuslar birlikleriniň sanyna laýyklykda bu kärhanalar boýunça deň bölünýär. Bu şonuň ýaly-da şäherýaka gatnawlarada degişlidir.

6. Tölegsiz gatnamaga hukuk berilýän şahsyýetler şäheriçi, şonuň ýaly-da şäherýaka gatnawlarda diňe gatnawlaryň (şäheriçi ýa-da şäherýaka) birinde tölegsiz gatnamaga hukukly diýip hasap edilýär. Gatnawlaryň görnüşi ýaşaýan ýeri esasynda kesgitlenilýär.

7. Şäherara we halkara gatnawlarynda gatnadylan ýolagçylaryň sany satylan petekleriň sany bilen deň alynýar.

8. Ilatyň ýa-da guramalaryň buýurmalary boýunça (wagt üçin bellenilen nyrh bilen işleýänler) bir gezeklik buýurmalary ýerine ýetirýän awtobuslar bilen gatnadylan ýolagçylaryň sany aşakdaky formula boýunça kesgitlenilýär.

$$Ý = (B \times V) : L \times A$$

Ý - gatnadylan ýolagçylaryň sany;

B - wagt boýunça işleýän awtobusyň berlen we yzyna gaýdyp gelen wagtyny içine almak bilen buýurmanyň wagty;

V - awtobusyň ortaça ulanyş tizlik hereketi

şäher içinde – sagatda 20 km;

şäherýakada – sagatda 30 km;

şäherara gatnawlarynda - sagatda 60 km;

L - ýolagçynyň ortaça gatnaw aralygy:

Aşgabat şäheri üçin - 7 km;

Arkadag şäheri üçin -

Türkmenistanyň beýleki şäherleri üçin – 4 km;

Şäherýaka gatnawlarda – 20 km;

Şaherara gatnawlarda – 100 km;

A – awtobusyň ýolagçy sygymlylygy:

şäheriçi we şäherýaka üçin – doly ýolagçy sygymlylygy;

şäherara üçin – oturulýan orun sany boýunça.

Ýolagçy dolanyşygy (08 setir – hasabat döwründe, 09 setir – geçen ýylyň degişli döwründe) gatnadylan ýolagçylaryň sanyny gatnatmagyň ortaça aralygyna köpeltmekligiň jemi görnüşinde kesgitlenilýär.

Ýolagçylaryň dolanyşygy aşakdaky resminamalaryň esasynda kesgitlenilýär:

1. Şäheriçi we şäherýaka gatnawlarda ýolagçylaryň dolanyşygynda gatnadylan ýolagçylaryň sany şu şäher boýunça ýolagçynyň gatnan ortaça aralygyna köpeltmek bilen kesgitlenilýär. Bu orta aralyk şu şäheriň awtobus liniýalarynda ýolagçy akymyna gönüden-göni bir gezeklik seljerme işlerini geçirmek bilen hasaplanylýar, bellenilen tertipde tassyklanylýar we meýilnamada we statistik hasabatda görkezilýär.

2. Uzunlygy 300 km çenli bolan şäherara awtobus liniýalarda ýolagçy dolanyşygy gelen girdejileri (goşlary daşamakdan we ätiýaçlandyryş ýygymlaryndan gelen girdejiler aýrylýar) bir ýolagçy-kilometr üçin hereket edýän nyrha bölmek bilen kesgitlenilýär.

3. Uzunlygy 300 km geçýän şäherara awtobus liniýalarda ýolagçy dolanyşygy şu aralykda petekler bilen gatnadylan ýolagçylaryň sanyny şu aralygyň ortaça hasabyna köpeltmäniň we köpeltmeleriň jemi bilen kesgitlenilýär.

4. Ilatyň ýa-da guramalaryň bir gezeklik buýurmalaryny ýerine ýetirýän wagt boýunça işleýän awtobuslarda ýolagçylaryň dolanyşygy gatnadylan ýolagçylaryň sanynyň jemine gatnawyň

görnüşine baglylykda ýolagçynyň ortaça gatnan aralygyna görä (I-nji bölümiň 8-nji bölümçesine laýyklykda) kesgitlenilýär.

## 3 BÖLÜM. HARAJATLARYŇ MADDALARY BOÝUNÇA ÝOLAGÇYLARY GATNATMAGYŇ ÇYKDAJYLARY

Ýolagçylary gatnatmak boýunça çykdajylarda doly özüne düşýän gymmat, ýagny hasabat döwründe awtomobilleri ulanmak boýunça gatnatmagyň özüne düşýän gymmatyna girizilýän ähli çykarylan çykdajylar (zähmet hakyny tölemeklige harajatlar, maddy harajatlar, durmuş harajatlaryna tutumlar, esasy gaznalaryň könelmesi, gaýry çykdajylar) görkezilýär.

## 4 BÖLÜM. ULANYŞDAKY ÝEŇIL AWTOMOBILLERIŇ IŞI WE MALIÝE GÖRKEZIJILERI

1-nji sütüniň 01, 02 setirlerinde (şu ýylyň hasabat döwri üçin – 01 setir, geçen ýylyň degişli döwri üçin 02 setir) telefon boýunça deslapky sargytlardan ýolagçylary ýeňil taksomotorlarda gatnatmakdan gelen girdejileri hasaba almak bilen, ýolagçylary ýeňil taksomotorlarda gatnatmakdan alnan girdeji görkezilýär şeýle-de aragatnaşyk edaralary tarapyndan poçtany we döwürleýin neşirleri daşamakdan nagt däl hasaplaşyk boýunça gelen girdeji görkezilýär.

03-nji setirde 01-nji setirde töleg geçirilen hyzmatlar görkezilýär.

Ýeňil taksomotorlary we sargytçynyň ýeňil awtomobillerini (04 setirder) ulanmaklygyň çykdajylarynda doly özüne düşýän gymmat, ýagny ýolagçylary gatnatmagyň özüne düşýän gymmatyna girýän hasabat döwründe awtomobilleri ulanmak boýunça ähli çykarylan çykdajylar (zähmet hakyny tölemeklige harajatlar, maddy harajatlar, durmuş harajatlaryna tutumlar, esasy gaznalaryň könelmesi, gaýry çykdajylar) görkezilýär.

06-njy setirde awtomobil tarapyndan hasabat döwründe geçilen aralyk görkezilýär. Awtomobiliň her gatnawynyň aralygy hasaplaýjy (spidometr) boýunça ýa-da öňden bellenen aralyk esasynda kesgitlenilýär. 07-nji setirde awtomobiliň tölegli geçen aralygy görkezilýär.

## 5 BÖLÜM. ULANYŞDAKY ULAGLARYŇ IŞI WE ULANYLYŞY

1-nji sütünde hojalygyň ygtyýarynda bolan ulaglar awtomobil-günlerde görkezilýär, ol bolsa her bir ýük awtomobiliniň (tirkegiň) dynç we baýramçylyk günlerini hasaba almak bilen hasabat ýylynyň dowamynda hojalykda bolan ähli senenama günlerini jemlemek arkaly kesgitlenilýär. Awtomobilleriň ulanylyşynda we olaryň tehniki ýagdaýyna baglylykda awtomobilleriň hojalykda bolan günlerini awtomobil işde, bejerişde we oňa garaşmakda, işsiz durmaklygyň sebäbini görkezmek bilen abat ýagdaýda işsiz duran günleri hasaba alynýar.

Işde bolunmagyň awtomobil-günlerini we awtotirkeg günlerini awtomobilleriň (tirkegleriň) gije-gündiziň dowamynda işlenen nobat çalyşyklaryň möçberine garamazdan hasabat ýylynyň her gününde garažďan işe goýberilenleriniň sanyny jemlemek bilen kesgitlenilýär (2-nji sütün).

Awtomobilleriň bejerişde we bejerişe garaşyp duran awtomobil-günleri hasabat ýylynda awtomobilleriň abatlanmagyň haýsy hem bolsa görnüşinde (düýpli, gündelik) öz ussahanasynda, şeýle hem beýleki kärhanalaryň ussahanalarynda bolan ähli senenama günlerini jemlemek bilen kesgitlenilýär. Hojalygyň balansyndan çykarmaklyga degişli, dikeltmeklige ýaramsyz, ýöne heniz balansdan çykarylmadyklary bejerişe garaşýan awtomobiller görnüşinde hasaba alýarlar (3-nji sütün).

Hojalykda bolmaklygyň awtomobil-günleri işde bolmaklygyň awtomobil-günleriniň, bejerişde we bejerişe garaşmakda bolan awtomobil -günleriniň we abat ýagdaýda işsiz durmaklygyň awtomobil-günleriniň jemine deň bolmalydyr.

Abat ýagdaýda işsiz durmaklygyň awtomobil-günleri şinalaryň, sürüjileriň ýoklugy, sürüjileriň dynç alyş we baýramçylyk günleri bilen baglylykda we beýleki sebäpler boýunça işsiz durulan awtomobil-günleriniň jemine deň bolmalydyr (4-nji sütün).

Tabşyrykda bolmagyň awtomobil-sagatlary awtomobilleriň hasabat ýylynyň her işlenen gününde ýolda bolmagynyň hemme sagatlarynyň jemlenmesi bilen kesgitlenilýär (5-nji sütün). Tabşyrykdaky awtomobil-sagatlar günorta naharyny we awtoulag kärhanalarynda hereket edýän düzgünnama laýyklykda sürüjileriň dynç almasyny we awtomobilleriň uzak ýollarda işlän wagtyndaky

ýangyç guýmaklyga we hyzmat ediş stansiýalarynda awtomobili gözden geçirmeklige geçirilen wagty öz içine almaýarlar.
6-njy sütünde awtobuslaryň bellenen ugurlarynyň sany görkezilýär.

## 6 BÖLÜM. KÄRHANANYŇ IŞINIŇ MALIÝE GÖRKEZIJILERI

01-nji setirde işleriň ähli görnüşlerinden alnan girdejiler görkezilýär. Şu setiriň görkezijileri 02–04 setirleriň goşulmagy bilen kesgitlenilýär, oňa bolsa ýükleri daşamakdan we ýolagçy gatnatmakdan alnan girdejiler, kärhananyň senagat önümçiligi işinden, işleriň başga görnüşlerinden alnan girdejiler girýärler.

1-nji sütüniň 02-nji setiriniň görkezijisi ýükleri daşamak we ýolagçy gatnatmak işinden alnan girdejini görkezýär we 01 – ulanyşdaky ýük daşaýan awtomobilleriň işinden alnan girdeji (1-nji bölüm), 01 – ulanyşdaky awtobuslaryň işinden alnan girdeji (2-nji bölüm), 01 – ulanyşdaky ýeňil awtomobilleriň işinden alnan girdeji (4-nji bölüm) setirleriň jemine deň bolmalydyr. Ýokarda agzalana laýyklykda, 2-nji sütüniň 02 setiriniň görkezijisi 02 (1-nji bölüm), 02 (2-nji bölüm) we 02 (4-nji bölüm) setirleriň jemine deň bolmalydyr.

06-njy setirde daşamak we gatnatmak işinden (07-nji setir) we işleriň başga görnüşlerinden (05-nji setir) alnan umumy walýuta girdejisi görkezilýär.

08-nji setirde işleriň ähli görnüşlerine edilen çykdajylar görkezilýär. Şu setiriň görkezijisi 9–11-nji setirleriň jemlenmesi bilen kesgitlenilýär we ýükleri daşamak, ýolagçy gatnatmak işine, gara ýollary ulanmak, ulag kärhanalarynyň senagat önümçilik işine we işleriň başga görnüşlerine çykdajylary öz içine alýar.

1-nji sütüniň 9-njy setiriniň görkezijisi ýükleri daşamak we ýolagçy gatnatmak işine çykdajylary görkezýär we 04 – ulanyşdaky ýük daşaýan awtomobilleriň işine çykdajylar (1-nji bölüm), 04 – ulanyşdaky awtobuslaryň işine çykdajylar (2-nji bölüm), 04 – ulanyşdaky ýeňil awtomobilleriň işine çykdajylar (4-nji bölüm) setirleriň jemine deň bolmalydyr. Şuňa laýyklykda, 2-nji sütüniň 9-njy setiriniň görkezijisi 05 (1-nji bölüm), 05 (2-nji bölüm) we 05 (4-nji bölüm) setirleriň jemine deň bolmalydyr .

## 7 BÖLÜM. SEBITLER BOÝUNÇA ESASY GÖRKEZIJILERI

**Awtomobil ulaglary,** ýük awtomobilleri (ýüki ulaglaryny, pikaplary, ýeňil furgonlary goşmak bilen) arkaly ýük daşamak gabyñ agramyny, konteýnerleriñ agramyny hasaba almak bilen bir gezekde daşalan, haryt-ulag resminamalary bilen tassyklanan ýükleriñ agramy boýunça kesgitlenýär.

Ýük dolanyşygy daşalan ýükleriñ her bir tapgyrynyñ agramyny olaryñ daşalýan tarif aralygyna (kilometr) köpeltmegiñ jemi hökmünde kesgitlenýär (tonnada).

## 8 BÖLÜM. ULAG IŞLERINIŇ SEBITLER BOÝUNÇA MALIÝE GÖRKEZIJILERI

Setir ..... Ulag işinden alnan girdejiler (GBÜS-y goşmazdan), hemmesi. Umumy peýdalanylýan **awtomobil ulagynda** ýükleri daşamakdan alnan girdejileri hereket edýän tarifler boýunça ýa-da baglaşylan şertnamalara laýyklykda daşalan ýükleriñ mukdary barada buhgalterçilik hasaba alnyşynyñ resminamalarynyñ esasynda kesgitlenýär.

Awtobuslar, marşrut taksileri, sargyt edilen awtobuslar bilen ýolagçylary gatnatmakdan alnan girdejiler ýol petekleriniñ ähli görnüşlerini satmakdan we goşuñ daşamak üçin tölegden alnan girdejiler.

Ulag işiniñ beýleki görnüşlerinden alnan girdejilere şular goşulýar.

**Söwdanyň, ulagyň we**
**aragatnaşygyň statistikasy**
**müdirligi**